Ertir güneşli Diýarymyzda Halkara Bitaraplyk güni uly ruhubelentlik bilen bellenilýär. Baýramyňyz gutly bolsun, mähriban watandaşlar!

AGZYBIRLIK, ASUDALYK, JEBISLIK

# TÜRKMEN gündogary

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№ 148 (17374) 2021-nji ýylyň 11-nji DEKABRY. ŞENBE

ESASLANDYRYJYSY — LEBAP WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI


## Hyzmatdaşlygyň giň mümkinçilikleri has-da ösdürilýär



9-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň gubernatory Igor Babuşkini kabul etdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň ýolbaşçysy gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we ileri tutulýan ugurlary barada gyzyklanma bildirilen pikir alyşmalaryň dowamynda özara hormat goýmak ýörelgelerinde ýola goýulýan hem-de strategik häsiýete eýe bolan netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin uly mümkinçiligiň bardygyny kanagatlanma bilen nygtadylar. Bellenilişi ýaly, möhüm ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady ulgamda ýola goýlan ysnyşykly gatnaşyklar soňky wagtda ösüşiň oňat depgini bilen tapawutlanýar.

Söhbetdeşligiň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerini doly durmuşa geçirmek geljegi uly we häzirki döwrüň möhüm wezipesi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda Hazarýaka döwletleriň deňiz menzilleriniň birnäçesine, şol sanda Russiýa Federasiýasynyň «Olýa» deňiz portuna yzygiderli ýük we ýolagçy gatnawlarynyň amala aşyrylmagynyň maksadalaýyk boljakdygy bellenildi.

Igor Babuşkin pursatdan peýdalanyp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine örän uly üns berýändigi, Türkmenistanyň bu sebite koronawirus ýokanjyna garşy göreşmekdäki ynsanperwer kömegi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistan bilen Astrahan oblastynyň arasyndaky işewürlik gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de berkidilip, türkmen-rus gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýardam etjekdigine özara ynam bildirildi.

* * *

Aşgabada saparynyň çäklerinde Astrahan oblastynyň gubernatory Igor Babuşkiniň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedow bilen duşuşygy boldy.

Duşuşygyň dowamynda Telekeçilik meseleleri boýunça türkmen-astrahan geňeşiniň çäklerinde bilelikdäki işleriň ähmiýeti bellenildi. Mundan başga-da söwda, gurluşyk, gämigurluşyk hem-de deňiz logistikasy ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň geljeginiň uludygy nygtaldy.

Taraplar iki ýurduň sebitleriniň deňizara hyzmatdaşlygynyň netijeliligini hem bellediler.

TÜRKMEN gündogary




***Dostluk galla önümleri kärhanasynyň Magdanly çörek önümçilik bölüminiň zähmetsöýer adamlary tamamlanyp barýan ýyly şowly jemleýärler. Olar çöregiň ilhalar görnüşleriniň Magdanly şäheriniň we Garlyk şäherçesiniň ilatynyň saçagynda bol bolmagyny gazanýarlar.***

Çörek bişirijiler her aýda çörek we çörek önümleriniň 110 tonnadan gowragyny ilata ýetirýärler. Bu görkeziji iş meýilnamalarynyň aýba-aý artygy bilen berjaý edilýändigini görkezýär. Bölümiň başlygy Berdi Taşow ýaşaýjylaryň isleglerinden ugur alnyp, işde çörekleriň tagamyna we hiline aýratyn üns berilýändigini aýdýar. Şonuň üçin önümçilik bölüminiň önümlerine isleg uly, önümleriň hili hem ilatyň göwnünden turýar. «Ahal çöregi», «Altyn däne», «Altyn bugdaý» ýaly çörek we çörek önümleri ilatyň olara bolan islegini doly kanagatlandyrýar.

* * *

***Golaýda Darganata etrap häkimliginiň hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň bilelikde guramaklarynda etrabyň medeniýet merkezinde hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 26 ýyllyk toýy mynasybetli «Bitaraplyk — beýik bagtym» ady bilen baýramçylyk çäresi geçirildi.***

Oňa etrabyň edara-kärhanalarynyň öňdebaryjy işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, il sylagly ýaşulular, döwlet sylaglarynyň eýeleri gatnaşdylar. Baýramçylyk çäresinde çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň sahawatly başlangyçlary bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik tutumlar, ýetilen belent sepgitler dogrusynda buýsançly gürrüň etdiler. Etrabyň medeniýet we sungat ussatlarynyň mukaddes Garaşsyzlygymyzy, hemişelik Bitaraplygymyzy, milli Liderimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny, dost-doganlygy wasp edip ýerine ýetiren aýdym-sazlary, folklor çykyşlary bu ýere ýygnananlarda ýakymly täsirleri galdyrdy.

HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ KARARLARY DURMUŞA GEÇIRILÝÄR

## ÖZ MÖHLETINDE WE ÝOKARY HILLI

Biziň trestimiziň gurluşykçylary tutuş ýurdumyzyň çäginde tanalýar. Häzirkizaman binagärlik usullarynda ýurdumyzyň paýtagtynda, welaýatlaryň oba-şäherlerinde gurlan döwrebap binalaryň birnäçesi biziň gurluşykçylarymyza degişlidir. Ýaşaýyş jaýlarynyň döwrebap binalary ulus-ilimiziň göwünlerini göterýär. Tejribeli gurluşykçylarymyzyň gurup, ulanmaga tabşyrýan döwrebap binalarynda ýaşaýan ildeşlerimiz gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilendigi üçin hoşal bolýarlar. Täze binalaryň ýanynda sport we çagalaryň oýun meýdançalary, awtoduralgalar we başga-da köpsanly amatlylyklar üpjün edilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy senagatlaşdyrmaga, şonuň hasabyna Türkmenistany dünýäniň senagat taýdan ösen döwletleriniň hataryna deňleşdirmäge gönükdirilen maksatnamalary öňe sürýär. Şolara laýyklykda ýurdumyzyň sebitlerinde täze tehnologiýalara daýanýan, ekologiýa taýdan howpsuz önümçilik desgalary gurlup, ulanylmaga berilýär. Biziň binagärlerimiz şeýle möhüm işlere netijeli gatnaşýarlar. Oňa diňe üstümizdäki şanly ýylyň geçen döwründe bitirilen işler hem aýdyň mysaldyr. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 15-nji ýanwarynda nebitgaz toplumynyň möhüm desgalarynyň biriniň — «Malaý» gaz känindäki gaz gysyjy desganyň açylyş dabarasyna gatnaşdy we onuň işine ak pata berdi. Bu uly möçberli taslama «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasynyň» çäklerinde amala aşyryldy. Bahasy ABŞ-nyň 78 million 140 müň dollaryndan gowrak bolan taslamany durmuşa geçirmek işine biziň trestimiz baş potratçy bolup gatnaşdy hem-de degişli gurluşyk-gurnama işleriniň bellenilen möhletinde, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etdi. Täze desganyň işe girizilmegi bilen türkmen tebigy gazynyň gazylyp alynýan we eksporta ugradylýan möçberi ep-esli artdy.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde möhüm orny eýeleýän nebitgaz toplumynyň kuwwatlyklary yzygiderli artdyrylýar. Munuň üçin täze gaz geçirijiler gurulýar, öňden hereket edýänleriniň durky täzelenilýär. Şanly ýylda gurluşykçylarymyz Döwletabat — Derýalyk sowma gaz geçirijisiniň 51 kilometr aralygynda durkuny täzelemek bilen bagly degişli işleri berjaý etdiler. Häzirki günlerde şeýle giň gerimli işler Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan halkara gaz geçirijisiniň gurluşygynda guramaçylykly alnyp barylýar. Gurluşykçylarymyz şeýle-de welaýatymyzyň çäginde umumy uzynlygy 125 kilometre barabar bolan ýokary basyşly gaz geçirijisiniň gurluşyk-gurnama işlerine hem ruhubelentlik bilen gatnaşýarlar. Bu gaz geçiriji Üçajy gaz käninden gözbaş alyp, Çärjew etrabynyň çäginde gurlup, ulanylmaga berlen kuwwatly gaz turbinaly elektrik stansiýasyny tebigy gaz bilen ygtybarly üpjün etmäge niýetlenilendir. Ýeri gelende, welaýatymyzda öňki ýyllarda işe girizilen «Lebap» we «Watan» döwlet elektrik stansiýalaryna gaz geçirijileri çekmek işlerini hem biziň trestimiziň başarjaň işgärleriniň abraý bilen gowy hil derejesinde ýerine ýetirendiklerini bellemek artykmaçlyk etmez. Ilatly ýerleri tebigy gaz bilen üpjün etmek maksady bilen täze gaz geçirijileri çekmek işlerinden hem çetde durmaýarys.

Şu günlerde biz Seýdi şäherinde dört gatly 24 öýli jaýlaryň ikisiniň gurluşygyny alyp barýarys. Bu jaýlary täze ýylyň başlarynda ulanmaga bermegi göz öňünde tutýarys. Iki, üç otagly öýlerden ybarat bolan jaýlarda ýaşamak üçin ähli amatlylyklaryň göz öňünde tutulmagy ýaşaýjylara has-da ýaraýar. Bu jaýlar Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň buýurmasy esasynda gurulýar. Ýurtbaştutanymyzyň belleýşi ýaly, ykdysadyýetde we beýleki ugurlarda amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň esasy maksady, ilkinji nobatda, adamyň abadançylygydyr. Hormatly Prezidentimiziň parasatly we öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde amala aşyrylýan beýik işlere biz hem öz goşandymyzy goşýarys. Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesine laýyklykda işçileriň iş we durmuş şertleri hem ýokarlanýar, bu bolsa olaryň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna hem täsirini ýetirýär.

Gurply döwletde giň gerimli, uly möçberli gurluşyk işlerini alyp barmak mümkindir. Şeýle döwlet biziň eziz Türkmenistanymyzdyr. Bu ajaýyp hakykat ýurdumyzda her ýylda giňden bellenilýän Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň baýramynyň öň ýanyndaky şatlykly günlerde has belentden wasp edilýär. Gurmak, döretmek ýörelgesine eýerip, ata Watanymyzy gülläp ösüşleriň röwşen ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan Arkadag Prezidentimize hoşallyk bildirýäris.

*Ýoldaş ÝAKUBOW,*
*«Türkmengündogarnebitgurluşyk» gurluşyk-gurnama trestiniň kärdeşler arkalaşygy komitetiniň başlygy.*



HÜNÄRIM BAR — HORMATYM BAR

## Zenanlaryň mähri siňen keşdeler



Halkymyzyň müňýyllyklarynyň jümmüşine siňip gidýän milli mirasy bar. Uzak geçmişde-de ene-mamalarymyz göreniň gözüni dokundyrýan nepis halylary dokap, geýýän egin-eşiklerini, tahýalaryny owadan keşdeler bilen nagyşlap, bezäp, dünýä halklaryny haýran galdyrypdyrlar. Mahlasy, olar hut türkmene mahsus gaýtalanmajak gözelligi döredipdirler. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalarynyň netijesinde milli mirasymyz, şol sanda gadymy keşdeçilik sungatymyz täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp ösdürilýär, dünýä ýaýylýar. Bu günki gün türkmen zenanlarynyň zehininiň, yhlasynyň, ukyp-başarnygynyň miwesi bolan el işleri abraýly halkara sergilerinde ýerleşdirilip, hemmelerde uly gyzyklanma döredýär.

Häzirki wagtda bütin dünýäde milli gymmatlyklarymyzyň meşhurlygy barha artýar. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy bilen ýola goýlan işjeň hyzmatdaşlyklar öz oňyn netijesini berýär. Mälim bolşy ýaly, geçen ýyllarda gadymy Nusaý, Merw, Köneürgenç ýaly taryhy-medeni ýadygärliklerimiz, Küştdepdi aýdym we tans dessurymyz, «Görogly» şadessanymyz we milli halyçylyk sungatymyz ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Ynha, ýurdumyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň 26 ýyllygynyň uludan toýlanylýan günleri ýene bir buýsançly waka bilen utgaşdy. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň, Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň bilelikde guramaklarynda gözel paýtagtymyzda geçirilen «Türkmen keşdeçilik sungaty — milli mirasymyz» atly maslahatda gadymy hem müdimi senedimizi ösdürmek, bu ugurda halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirmek bilen baglanyşykly çykyşlara giň orun berildi. Türkmen zenanlarynyň döredýän örän inçe we nepis el işleri dünýäde giňden meşhurdyr. ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary, Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rüstemowanyň maslahatda eden çykyşynda nygtaýşy ýaly, häzirki wagtda ýurdumyz tarapyndan türkmeniň keşdeçilik sungatyny bu abraýly halkara guramasynyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek baradaky hödürnama teklip edildi. Geljek ýylda ÝUNESKO-nyň sekretariatynda bu barada degişli çözgüdiň çykarylmagyna garaşylýar. Şunlukda bu gadymy senedimiziň dünýä halklarynyň medeniýetiniň bir bölegine öwrüljekdigi külli ilimizde uly buýsanç duýgusyny döretdi.

Keşdeçilik sungatymyz — gymmatly baýlygymyz. Bu milli senedimizde ajaýyp türkmen zenanlarynyň köňül arzuwlary, asylly hüý-häsiýetleri, edimgylymlary şöhlelenýär. Kökleri asyrlara uzap gidýän senedimizi ösdürmek ugrunda ýola goýlan işler hemmeleri begendirýär. Bilşimiz ýaly, şu ýylyň 18-nji maýynda hormatly Prezidentimiziň käbesi Ogulabat ejäniň sünnäläp bejeren kürtesi ýurdumyzyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýine tabşyryldy. Bu mährem enäniň bejeren kürtesi zenanlarymyz üçin nusgalykdyr. Biziň gelin-gyzlarymyz şu ajaýyp sungat eserini nusga edinip, özleriniň nepis el işlerini döredýärler.

Milli gymmatlyklarymyzy aýawly saklamak, olary geljekki nesillere ýetirmek, dünýäde giňden wagyz etmek ugrunda ummasyz köp işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza köp-köp sagbolsun aýdýarys. Goý, milli Liderimiziň jany sag, belent başy aman bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

*Myrat TAGAN ogly,*
*ýörite habarçymyz.*

# Arkadagly zamanada bagtymyz ak ýola rowan, Çüwen ykbal — Bitaraplyk milletiň bagtyna dörän




**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**
**— Bitaraplyk asuda, agzybir, parahatçylykly, abadan durmuşda ýaşamaga ýol açdy. Ähli dünýä ýurtlary bilen dostlukly, ynsanperwer, medeni, ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge giň mümkinçilik döretdi.**

## ABADANÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ TAGLYMY

Dünýä halklary bilen köpugurly hyzmatdaşlykda we özara bähbitli gatnaşyklarda hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini ýol-ýörelge edinýän türkmen halky parahatçylykly ösüş ýoluny saýlap aldy. Bu ýol bolsa 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk syýasatyndan gözbaş alýar.

Bu taryhy seneden bary-ýogy 20 ýyl töweregi wagt geçensoň, ýagny, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda 193 döwletiň biragyzdan makullamagy, şeýle hem BMG-ä agza ýurtlaryň 47-siniň awtordaşlyk etmegi netijesinde Baş Assambleýanyň 69-njy mejlisinde Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ikinji gezek tassyklanylmagy dünýä bileleşiginiň döwletimiziň Bitaraplyk daşary syýasat ugruna ýokary baha berýändigini aýdyň subutnamasy boldy. Bu gün türkmen Bitaraplygy hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ata Watanymyzyň we halkymyzyň beýik üstünligidir. Dünýäde abadançylygy, durnukly ösüşi we ygtybarly hyzmatdaşlygy berkitmekde onuň ägirt uly halkara ähmiýete eýedigini döwletimiziň ýokary derejä göterilen daşary syýasaty-da doly tassyklaýar.

Häzirki wagtda Bitarap Türkmenistanyň dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy, 50-ä golaý halkara guramanyň agzasy bolmagy, şeýle-de köpsanly halkara konwensiýalara, şertnamalara we beýleki köptaraplaýyn resminamalara gatnaşmagy ýurdumyzyň halkara giňişligindäki işjeňliginiň ýylsaýyn giňeýändigini görkezýär. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň kabul eden «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017—2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda BMG, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly iri halkara guramalar bilen syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegine we berkidilmegine gönükdirilen ägirt uly işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk» atly şygary astynda Türkmenistanyň halkara derejesindäki köpugurly hyzmatdaşlygy halkymyzyň gadymdan gelýän umumadamzat bähbitli ynsanperwer, hoşniýetli ýörelgeleri we birek-birege ynanyşmak ýaly köpasyrlyk milli däp-dessurlary esasynda mynasyp dowam etdirilýär.

Milli Liderimiziň bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary halkara resminamalarynyň onlarçasynda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň teklibi esasynda şu ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi-de aýdylanlaryň nobatdaky subutnamasy boldy. Ata Watanymyzyň dünýä bileleşigindäki at-abraýyny has-da belende göteren bu halkara resminama ýurdumyzyň alyp barýan umumadamzat ähmiýetli tagallalarynyň ählumumy ykrarnamasy, ýurdumyzyň bagtyýar ýaşaýjylary bilen bir hatarda Ýer ýüzüniň ynsanlaryny asudalygyň hatyrasyna gönükdirilen belent maksatlara goşant goşmaga ruhlandyrdy. Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde türkmen Bitaraplygy ýurdumyzyň gülläp ösüşiniň berk binýadyna öwrülýär.

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu waka eziz Watanymyzyň sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge goşýan mynasyp goşandynyň ählumumy ykrar edilmegi boldy. Türkmenistan BMG-niň ynamdar we uzakmöhletli hyzmatdaşy bolmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny yzygiderli ýerine ýetirmäge ygrarlydygyny görkezip, Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça bilelikdäki halkara tagallalaryna işjeň gatnaşýar. Bitarap Türkmenistan parahatçylyk döredijilik ýörelgesinde uly tejribe toplady. Munuň şeýledigine, ýaragsyzlanmagyň sebitdäki işlerine ýardam bermek, suw-energetika meseleleriniň sazlaşykly çözülmegi, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, döwrüň howply wehimlerine garşy hereket etmek ýaly wajyp meseleler şaýatlyk edýär. Şu wezipeleriň çözülmeginde paýtagtymyzdaky BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezine ähmiýetli orun degişlidir. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça döredilen bu iri düzümiň merkezi edarasy hökmünde Aşgabadyň saýlanylyp alynmagy sebitiň ähli döwletleri tarapyndan goldanyldy. Türkmenistan özüniň halkara-hukuk derejesine üýtgewsiz ygrarly bolmak bilen, bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik hem-de hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny mundan beýläk-de üstünlikli durmuşa geçirer. Çünki bu dereje ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasyny düzýär.

*Zerhal NARMAMEDOWA,*
*Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň welaýat komitetiniň başlygynyň wezipesini ýerine ýetirijisi.*

## Bagty buşlan ak daňym

Binalarda parlanynda dost-doganlyk Baýdagymyz,
Döwrümiziň aýdymynda, heňinde Bitarap Diýar.
Eneleriň hüwdüsinde, atalaryň wesýetinde
Bilbiller buşlaýyp atan daňymda Bitarap Diýar.

Watan, saňa yhlasymyz ýeňşe ýetirer her demde,
Görkün alyp Aýdan, Günden, nur ýagyp dur oba-kende.
Arkadagym sahawatyn ilimize bagş edende,
Hoş owazly aýdymlaryň ýaňynda Bitarap Diýar.

Baglarymda bol miweler desterhanyň nygmatydyr,
Ýurdumyzyň gözel keşbi Arkadagyň sungatydyr,
Tarypyn etsem sözleriň egsilmeýän hümmetidir,
Kerwen guran bagtly ýyllaň jaňynda Bitarap Diýar.

Ýüregmiz bar, elmydama «Watan» diýip urup duran,
Düzlerimiz lälezardyr, çöllerimiz Hydyr gören,
Berkarar döwleti guran, ajap döwri peşgeş beren
Arkadagly ýurdumyzyň şanynda Bitarap Diýar.

*Göwher ABDYLLAÝEWA.*

## Dünýäde ykrar tapýar milli ýolumyz

Ýurdumyzda agzybirligiň we abadançylygyň höküm sürýändigini, goňşy ýurtlar bilen araçägiň dostluk serhedine öwrülendigini bu gün dünýä bileleşigi ykrar edýär. Döwletimiziň bu günki syýasy we ruhy galkynyşynyň gözbaşynda bolsa halkymyzyň pähim-paýhasyndan, ata-baba dowam edip gelýän däp-dessurlarymyzdan syzylyp çykan oňyn Bitaraplyk syýasaty dur. Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplygy onuň parahatçylygynyň, howpsuzlygynyň we halkara giňişligindäki işjeňliginiň aňlatmasydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň mejlislerinde ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlar giň goldawa eýe bolýar. Dünýäde ykrar edilen milli Lider hökmünde tanalýan Gahryman Arkadagymyzyň BMG-niň belent münberinde ýaňlanýan oňyn başlangyçlary diňe bir sebitiň däl, eýsem, tutuş Ýer ýüzüniň ýagty geljegini berkarar etmäge gönükdirilýändigi bilen dabaralanýar. Olaryň hatarynda ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň, ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen we tutuş adamzat üçin iň wajyp hem-de möhüm bolan azyk howpsuzlygyny, durnukly ösüşi we gender deňligini gazanmak, iri infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmek, howanyň üýtgemegi we ekologiýa bilen bagly meseleleriň oňyn çözgüdini tapmak, ygtybarly ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça öňe sürlen başlangyçlary görkezmek bolar. Türkmenistanyň Bitarap ýurt hökmünde goňşy ýurtlar bilen gerimini giňeldýän toplumlaýyn daşary syýasatyna we asylly, hoşmeýilli ýörelgelerine çäkleriň, taryhlaryň, medeniýetleriň hem-de däp-dessurlaryň meňzeşligi we baglanyşygy siňen bolsa, sebitdäki we alysdaky ýurtlar bilen barha işjeňleşýän hyzmatdaşlygy gönüden-göni döwletimiziň özara bähbitli ynsanperwer we adyl syýasatyna daýanýar.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 26 ýylynyň içinde geçilen ýol ýurdumyzyň bu hukuk derejesiniň abadan ösüşimizi üpjün edýän şertleriň birine öwrülendigini görkezdi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda üstümizdäki ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginde hem özboluşly many bar. Çünki parahatçylyk — bu ählumumy ösüşi üpjün edýän zerur şertleriň biri bolup, döwletleriň arasynda birek-birege ynanyşmak esasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygy ösdürmäge we ýakyn geljekde täze derejelere çykarmaga giň mümkinçilik açýar.

*Merjen KADYROWA.*

## Baky berkararlygyň baýramy

Ertir halkymyz ýene-de bir şanly senäni — dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň 26 ýyllygyny uludan baýram eder. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisiniň Kararnamasy esasynda indi her ýylyň 12-nji dekabrynyň «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip bellenilmegi ýurdumyzyň ösüşe tarap barha ilerleýän halkara syýasatynyň dabaralanmasydyr. Bagtyýar halkymyzyň bu şanly toýa belent ruhy galkynyş, uly joşgun bilen gelmeginiň özboluşly sebäbi bar. Çünki mähriban Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesi ähli ösüşlerimiziň, şöhratly üstünliklerimiziň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda badalga berlen düýpli özgertmeleriň syýasy aňlatmasydyr. Eziz Diýarymyzyň barha ýokary derejä eýe bolýan halkara abraýy we eýeleýän mynasyp orny biziň şeýle parahat ýurtda we abadan durmuşda ýaşaýandygymyza bolan buýsanjymyzy has-da artdyrýar.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 1-nji sentýabrynda ýurdumyzyň talyplary we mekdep okuwçylary bilen geçiren duşuşygynda türkmen Bitaraplygynyň taryhy ähmiýeti dogrusynda aýdan çuň manyly jümlelerini bu gün — baýram gününde ýene-de bir gezek ýatlamak örän ýakymly. Milli Liderimiz şol taryhy çykyşynda baky Bitaraplygymyzyň beren ajaýyp miweleri barada söz açyp: «Bitaraplyk biziň parahatçylygy, dostlugy, ynsanperwerligi, hyzmatdaşlygy, ösüşi dabaralandyrýan taglymatymyzdyr. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty parahatçylygyň ýoludyr, dünýä halklaryny dost-doganlyga çagyrýan ýoldur» diýip belläp geçdi. Ýurdumyzyň dünýäniň parahatçylygyny we umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan daşary syýasatynyň her bir ugrunda Bitaraplygymyzyň ýörelgelerini görmek bolýar. Ýurdumyzyň bu daşary syýasat ugry bilen başlanýan we üçünji müňýyllygyň geljekki ösüşleri barada söz açýan daşary syýasy we geoykdysady başlangyçlary giň goldawa eýe bolýar.

Toý-baýramlara beslenýän hemişelik Bitarap döwletimiz baky bagtyýar bolsun! Bitaraplyk syýasatymyz mundan beýläk-de Ýer ýüzünde tutuş adamzadyň bähbitlerini nazarlaýan parahatçylyk ýoly bilen dabaralansyn!

*Gaýrat RÄHMETGULYÝEW,*
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*




## Parahatçylyk ýörelgesi

Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň ähli ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýýan hem-de özüniň ägirt uly syýasy, ykdysady we medeni kuwwatyny ählumumy parahatçylygyň hem-de durnukly ösüşiň bähbidine gönükdirýän özygtyýarly döwlet hökmünde tanalýar. Türkmen halkynyň parahatçylyksöýüjilikli ýörelgelere eýerip, iň kyn meseleleri hem çözendikleri şöhratly taryhymyzyň sahypalarynda öz beýanyny tapypdyr. Taryhyň sahypalarynda halkymyzyň parahatçylyksöýüjilik sypatlaryny dabaralandyrýan ýörelgelerine mysallar näçe diýseň bar. Hormatly Prezidentimiz «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly eserinde türkmen diplomatiýasynyň taryhyndan bir mysal getirýär: «Biziň eýýamymyzdan öňki 49-njy ýylda türkmenleriň iň ýakyn eždatlary — gunlar Han hökümdary bilen (Hytaýyň taryhynda örän güýçli bolan imperiýalaryň biri) birek-biregiň üstüne çozmazlygy borç edinen iki halkyň özara gatnaşyklaryny kadalaşdyran «Ähdi-peýman şertnamasy» diýip atlandyrylan şertnamany baglaşýarlar. Şol şertnamada geljek nesillere arkama-arka ähdi-peýmana wepaly bolmak teswirlenipdir». Alym Arkadagymyzyň eserinde belleýşi ýaly, bu mysal türkmenleriň öz taryhynyň irki döwürlerinde-de döwletiň we halkyň bähbitlerini goramak maksady bilen öňüni alyş diplomatiýasyny ulanandygyna şaýatlyk edýär.



Hut şu eserde Şükür bagşynyň öz doganyny sazyň güýji bilen ýesirlikden boşadyşy beýan edilýär. Bu hem türkmeniň parahatçylyksöýüjilikli ýörelgeleriniň özboluşly dabaralanmasydyr.

Hindistanyň Deli şäherindäki ajaýyp köşgüň derwezesiniň «Türkmen derwezesi» diýlip atlandyrylmagy hem ýöne ýerden däldir. Ol türkmenleriň ata-babalarynyň iki dostlukly halklaryň arasyndaky medeni gatnaşyklary ösdürmekde bitiren uly hyzmatlarynyň özboluşly subutnamasy hökmünde häzirki günlerde hem goralyp saklanylýar.

Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäheriniň merkezinde Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň, şeýle hem «Aşgabat» seýilgähiniň açylmagy hem Türkmenistanyň parahatçylyksöýüjilikli syýasatlaryna goýulýan hormatdan nyşandyr.

*Atajan ABDYŞÜKÜROW,*
*welaýat gümrükhanasynyň harby gullukçysy, maýor.*

## WATANY BEÝGELDÝÄN SYÝASAT

Bitaraplyk — bu parahatçylyk, asudalyk, ählumumy howpsuzlyk, dostlukly gatnaşyklar, ykdysady hyzmatdaşlyk ýaly möhüm düşünjeleri öz mazmunynda jemleýär. Bitarap döwletimiz durnukly ösüşiň maksatnamalaryny amala aşyrmak boýunça dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryna mynasyp goşant goşýar. Türkmenistanyň Bitaraplygynda halkymyzyň gadymyýetden gözbaş alýan parahatçylyksöýüjilik däpleriniň dabaralanýandygyny görmek bolýar. Döwletimiz halkara hyzmatdaşlygynda dostluk we birek-birege hormat goýmak kadalaryna berk eýerýär. Şu gatnaşyklar ösdügisaýyn halkymyzyň asuda we abadan durmuşda ýaşamagy üçin zerur bolan daşary syýasy şertler hem has pugtalanýar.

Hormatly Prezidentimiziň jaýdar belleýşi ýaly, Bitaraplyk uzak möhletli maksatlarymyzy amala aşyrmagyň ygtybarly kepili bolup hyzmat edýär. Türkmenistan halkara derejesindäki möhüm meseleleriň çözülmegine ýardam berýän merkez hökmünde hem giň meşhurlyga eýe bolýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygy bilen amala aşyrylýan işler tutuş adamzadyň bähbitlerine gönükdirilip, sebitde we dünýäde durnuklylygy hem-de howpsuzlygy pugtalandyrmaga uly ýardam berýär. Ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklary ýylsaýyn giňelýär. Türkmenistan halkara derejesindäki iri taslamalary durmuşa geçirmekde hem giň mümkinçiliklere eýedir. Daşary ýurtly hyzmatdaşlara iri möçberli maýa goýum taslamalarynyň, uly senagat toplumlarynyň gurluşyklaryna işjeň gatnaşmaklary üçin hem giň mümkinçilikler açylýar.

Ýurdumyzyň Bitaraplygy Türkmenistana özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik berdi. Türkmen energiýa serişdeleri dünýä bazaryna dürli ugurlar boýunça çykarylýar. Ýurdumyzyň dünýä bazaryna eksport edýän harytlarynyň sanawy barha giňelýär. Içeri hem-de daşary syýasatynyň sazlaşykly ýöredilmegi netijesinde bu gün Türkmenistan dünýäniň syýasy giňişliginde güýçli depginler bilen ösýän, ykdysady taýdan kuwwatly, syýasy taýdan durnukly we asuda, sebit we halkara gatnaşyklaryna işjeň gatnaşyjy, ygtybarly hyzmatdaş ýurtlaryň hatarynda giňden tanalýar.

*Ereşgül ROZYKULYÝEWA,*
*Farap etrabyndaky 7-nji orta mekdebiň mugallymy.*



SIZIŇ KITAP TEKJÄŇIZE

# TÄZE KITAPLAR







Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan neşir edilýän okuw kitaplarynyň, çeper eserleriň sany barha artýar. Olar okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanylýar hem-de uly höwes bilen okalýar.

Ýakynda «Dostlugyň miwesi» atly türkmen halk ertekiler ýygyndysy hem elimize gowuşdy. Ertekiler ýygyndysy Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan neşire taýýarlanylypdyr. Täze neşirde «Dana ýigit», «Akylly daýhan», «Üç dost», «Toty bilen tilki», «Eşek bilen gulanyň dostlugy», «Akyl ýaşda däl», «Dana han», «Gyzyl alma» ýaly gyzykly türkmen halk ertekileri ýerleşdirilipdir. Ýygyndyny suratkeş W. Petrenko reňkli suratlar bilen çeper bezäpdir. Bu täze kitap 20000 nusgada çap edilipdir.

* * *

Türkmen döwlet neşirýat gullugy zehinli şahyr Gülşirin Hanowanyň «Uçup barýan ak durna» atly goşgular ýygyndysyny giň okyjylar köpçüligine hödürledi. Täze neşir «Arkadag» atly goşgy bilen başlanýar:

«Halkyň umyt-isleginden, arzuwyndan dörän mekan,
Säherleriň aýdym seniň, gijeleriň ajap mukam.
Şanyňa ýazylan namadan şirin şygyr, heý, barmykan,
Ykballara peşgeş munda Arşyň päk nury, Arkadag,
Bu döwürler, bu döwranlar ak bagta sary, Arkadag!..»

Arkadag Prezidentimiziň milletine bagyş eden Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe döretmäge, kämilleşmäge, döredijiligiňi ile ýaýmaga giň mümkinçilikler açyldy. Gülşirin Hanowa hem öz goşgulary bilen Gahryman Arkadagymyzyň alyp barýan ilhalar syýasatlaryny, ata Watanymyzy, türkmen halkyny, päk söýgini, gözel tebigatymyzy şahyrana wasp edýär.

2014-nji ýylda Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebini, 2019-njy ýylda bolsa Türkmen döwlet medeniýet institutyny tamamlan zehinli şahyr özboluşly döredijilik ýoluny üstünlikli dowam etdirýär. «Uçup barýan ak durna» atly goşgular ýygyndysy şahyryň ilkinji kitabydyr. Gülşiriniň 4000 sany nusgada neşir edilen täze goşgular ýygyndysy siziň göwnüňizden turar diýen tamamyz bar.

*Oral TEMIROW,*
*Köýtendag etrap merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy, mirasgär.*

ÇAÝ BAŞYNYŇ GÜÝMENJESI




*Taýýarlan Serdar RAIMBAÝEW,*
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň II ýyl talyby.*

***Gazetimiziň şu ýylyň 4-nji dekabryndaky sanynda çykan krosswordyň jogaplary:***

**KESELIGINE:** 1.Towza. 7.Ýygjam. 8.Sahara. 10.Kepek. 11.Teatr. 12.Akula. 18.Dograma. 21.Gazan. 22.Otaga. 24.Pugta. 28.Çuňňul. 29.Ýogurt. 30.Gyşyk.

**DIKLIGINE:** 2.Wajyp. 3.Agaran. 4.Üme. 5.Asy. 6.Bambuk. 7.Ýurt. 9.Aýna. 13.Pak. 14.Öde. 15.Öri. 16.Gaz. 17.Bol. 19.Üzeňňi. 20.Wakuum. 21.Genç. 23.Azat. 25.Göreş. 26.Uly. 27.Eýe.

SAGLYK SIZE ÝARAN BOLSUN!




# Gyş günlerinde

Her paslyň öz tebigy gözelliginiň we aýratynlygynyň bolşy ýaly, her möwsümiň howa şertlerine görä berjaý edilmeli düzgünleri hem bar. Gyş paslynda adamyň bedeni howanyň derejesine görä uýgunlaşmaga çalyşýar. Munda immun hem-de madda alyş-çalyş ulgamy has işjeň herekete girýär. Bedeniň möwsüme görä has gowy uýgunlaşyp bilmegi üçin sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmeli, dogry iýmitlenmeli we geýinmeli. Sowuk howada beden ýylamak üçin energiýany has köp sarp edýär. Şonuň üçin gyşda ýokumly tagamlary kabul etmäge has köp isleg bildirilýär.

Gyş paslynda adam bedenini ýyly saklamak üçin, möwsüme görä, ýyly egin-eşikleri, gyş aýakgaplaryny, başgap, şeýle hem ellik geýmeli. Gyşda gat-gat geýnilýändigi sebäpli jemgyýetçilik ulaglaryna münülende, derlemegiň öňüni almak maksady bilen üstki egin-eşikleriň ilikleri ýazdyrylmaly we başgaplar çykarylmaly. Çünki wagtlaýyn ýyly ýere girip, derländen soň, daşaryk çykylanda, sowuk şemalyň kakmagy bilen, dürli sowuklama kesellerine sezewar bolunmagy mümkin.

Gyşda aýakgaplar dogry saýlanylmaly. Aýaklarymyz näçe ýyly bolsa, bedenimiz şonça-da ýyly bolýar.

Ellikler daşarda hökman gerekdir. Elleriň ýylylygy bedeniň dem alyş agzalarynyň saglygynyň kepilidir.

Gyş paslynda başgaplary geýmek, ýaglyklary daňmak dürli kelle-beýni sowuklama kesellerininiň öňüni almaga ýardam edýär. Saçlar ýuwulandan soňra, doly guratman, daşary çykmazlygy maslahat berýäris.

Howanyň derejesiniň peselmegi sebäpli daşaryk çykanyňda, hökman burnuň nemli bardasyna «oksolin» melhemini çalmaly we agyz-burun örtügini dakynmaly. Daş-töwerekdäki adamlar bilen 2 metrden az bolmadyk howpsuz araçägi saklamaly. Şahsy arassaçylyk talaplaryny berk berjaý etmeli, elleriňi elmydama arassa saklamaly, sabyn bilen ýygy-ýygydan ýuwmaly we zyýansyzlandyryjy serişdeleri ulanmaly.

*Gülşat ÝUSUPOWA,*
*Türkmenabadyň lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.*

*Abuna — 2022*

## HORMATLY OKYJYLAR!

2022-nji ýylyň birinji ýarymy üçin «Türkmen gündogary» gazetiniň çap edilýän görnüşine abuna ýazylyşygynyň dowam edýändigini habar berýäris.

Gazetimiziň çap edilýän görnüşine abuna ýazylmak üçin ýurdumyzyň «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň bölümlerine ýüz tutup bilersiňiz.

«Türkmen gündogary» gazetiniň çap edilýän görnüşiniň ýarym ýyllygynyň bahasy 7 manat 80 teňňe.

Gazetimiziň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz.

Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgilerimiz:
(8 00422) 31007; 32690.



Halaç etrabyndaky 34-nji orta mekdepden **Maýsa Döwletgeldiýewna Garýagdyýewa** berlen A № 0569463 belgili orta bilim hakynda şahadatnama, **«Hormat» hususy kärhanasynyň** möhüri we basmasy, Çärjew etrabynyň B.Myradow adyndaky geňeşliginiň Bereketli obasynyň Miras köçesiniň (öňki 1-maý) 20-nji jaýyna **Jumakuly Jumabaýewiç Durdyýewiň** adyna berlen jaýyň tehniki pasporty, **Repetek döwlet biosfera goraghanasynyň** Belarus-MTZ-1221 kysymly, 3425 LBA döwlet belgili traktorynyň TA-0016753 belgili tehniki pasporty we tehniki talony, Saýat etrap ýer serişdeleri bölüminden **Gülbahar Babanýazowna Şamakowanyň** adyna berlen 0328361 belgili Döwlet namasynyň asyl nusgasy, Türkmenabat şäheriniň 246-njy kwartalynyň 119-njy jaýyna **Hasiýat Toraýewanyň** adyna berlen öý kitaby, Türkmenabat şäheriniň Garaşsyz köçesiniň 119-njy jaýyna **Gülnara Hudaýberenowna Joraýewanyň** adyna berlen jaýyň tehniki pasporty, **Ýusup Narkulyýewiç Hatamowyň** Lexsus RX-350 kysymly, BG 5548 LB döwlet belgili awtoulagynyň TM-2336841 belgili bellige alyş güwänamasy, Çärjew etrap arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň WAZ-21063 kysymly, 6765 LBD döwlet belgili awtoulagynyň tehniki talony, **Rustamjan Narkulyýewiç Rejepowyň** ABC derejeli, TM-1302033 belgili sürüjilik şahadatnamasy, **Abdyrahman Penjiýewiň** Toýota Mark kysymly, BA 9376 LB döwlet belgili awtoulagynyň TM-2527912 belgili bellige alyş güwänamasy, Türkmenabat şäheriniň 130-njy kwartalynyň 53-nji jaýyna merhum **Senemjan Matçanowanyň** adyna berlen jaýyň tehniki pasporty, telekeçi **Azat Aýdogdyýewiç Joraýewiň** Göwher Berdimyradowna Nazberdiýewa bilen baglaşan, Türkmenabat şäher salgyt bölüminde 503202106212768 belgi bilen hasaba alnan zähmet şertnamasynyň asyl nusgalarynyň ikisi, Lebap medisina uçilişesinden **Gülistan Jorakulyýewna Çaryýewa** berlen, № 51 belgi bilen hasaba alnan CT-I № 402443 belgili diplom, Türkmenabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 2-nji orta mekdepden **Hajymyrat Muhammedowiç Sahatowa** berlen A № 1562740 belgili orta bilim hakynda şahadatnama, **Ýaşuzak Narbaýewiň** AB derejeli, АБП-100900 belgili sürüjilik şahadatnamasy ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap edilýär.

**Lebap welaýat häkimliginiň «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň Mehanizasiýa işleriniň ýöriteleşdirilen kärhanasynyň** ýapylýandygy habar berilýär.

**Lebap welaýat häkimliginiň «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň 2-nji gurluşyk gurnama müdirliginiň** ýapylýandygy habar berilýär.

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan **Mamed Ahmedowiç Çaryýewiň** adyna resmileşdirilen A-0288948 belgili Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportynyň ýitirilendigini habar berýäris.



# TELERADIOÝAÝLYMLAR

**2021-nji ýyl, 13 — 19-njy dekabr**

## «ALTYN ASYR: TÜRKMENISTAN» TELERADIOÝAÝLYMY

ALTYN ASYR

*DUŞENBE-13*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Berkararlyk bagty.
09.00 Watan.
09.30 Döwletli döwran.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Mary welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Hepdäniň möhüm wakalary.
13.30 Döwri döwranly Watan.
14.30 Bitarap Türkmenistan.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Watan waspy.
17.00 Diýar (Ahal welaýaty).
18.00 Baky bagtyýar mekanda.
18.30 Agrar syýasat.
19.00 Belent sepgitler, aýdyň maksatlar.
19.45 Türkmen dokmasy.
20.30 Telekeçilik işiniň esaslary.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Ahal welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

*SIŞENBE-14*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Watanym — buýsanjym.
08.30 Telekeçilik işiniň esaslary.
09.00 Watan.
09.30 Agrar syýasat.
10.05 Gözelligiň yşgynda.
10.40 Jahan ýaňy.
11.10 Döwür. Döwlet. Arkadag.
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.30 Zehin bäsleşigi.
14.00 Dillerde dessan Watan.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.10 Zeminiň görki.
17.00 Diýar (Balkan welaýaty).
18.00 News.
18.10 Söz mülküniň bossany.
18.50 Ösüşe tarap.
19.30 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
20.10 Jemgyýet we kanun.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Balkan welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

*ÇARŞENBE-15*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Garaşsyz Diýarym.
08.30 Baky bagtyýar mekanda.
09.00 Watan.
09.30 Ösüşe tarap.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Ahal welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.25 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
14.00 Berkararlyk bagty.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Melhemler dünýäsi.
17.00 Diýar (Daşoguz welaýaty).
18.00 Merdana nesiller.
18.45 Dost-doganlyk serhedi.
19.30 Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana gulluk edýärin!
20.20 Parahatlyk — ýürek baýdagy.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Daşoguz welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

*PENŞENBE-16*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Arkadagly ajap Watan.
09.00 Watan.
09.30 Jemgyýet we kanun.
10.25 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Balkan welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.25 Döredijilik söhbedi.
14.00 Watanym — buýsanjym.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.00 Il saglygy — ýurt baýlygy.
17.00 Diýar (Lebap welaýaty).
18.00 News.
18.10 Myhmançylykda.
18.55 Bereketli Garagum.
19.35 Bereket mekany.
20.15 Arkadagyň paýhas taglymaty.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Lebap welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

*ANNA-17*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Bagtyýardyr iller Watan.
09.00 Watan.
09.30 Bereket mekany.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Daşoguz welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.20 Garaşsyz Diýarym.
14.20 Daşky gurşawyň sazlaşygy.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Söz mülküniň bossany.
17.00 Diýar (Mary welaýaty).
18.00 Türkmen dokmasy.
18.45 Agzybirlik binýady.
19.30 Arkadagly ýurduň telekeçileri.
20.10 Döwletli döwran.
21.00 Watan.
21.30 Milli Lider we Bitaraplyk.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Mary welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

*ŞENBE-18*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Döwri döwranly Watan.
08.30 Agzybirlik binýady.
09.00 Watan.
09.30 Belent sepgitler, aýdyň maksatlar.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Lebap welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Milli Lider we Bitaraplyk.
13.30 Arkadagly ajap Watan.
14.30 Parahatlyk — ýürek baýdagy.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.00 Arkadagly ýurduň telekeçileri.
16.40 Daşky gurşawyň sazlaşygy.
17.20 Melhemler dünýäsi.
18.00 News.
18.10 Bitarap Türkmenistan.
18.45 Zehin bäsleşigi.
19.20 Myhmançylykda.
20.10 Döwür. Döwlet. Arkadag.
21.00 Watan.
21.30 Bagtyýarlyk ylhamy.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Çeper film. «Kämilligiň ýolunda».
01.00 Berkararlyk mukamy.

*ÝEKŞENBE-19*
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Dillerde dessan Watan.
08.30 Gözelligiň yşgynda.
09.00 Watan.
09.30 Merdana nesiller.
10.15 Dost-doganlyk serhedi.
10.55 Jahan ýaňy.
11.15 Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana gulluk edýärin!
12.00 Watan.
12.30 Bagtyýarlyk ylhamy.
13.30 Bagtyýardyr iller Watan.
14.20 Döredijilik söhbedi.
15.00 Watan.
15.30 Il saglygy — ýurt baýlygy.
16.30 Arkadagyň paýhas taglymaty.
17.15 Zeminiň görki.
18.00 Durmuş kyssasy.
18.30 Bereketli Garagum.
19.10 Hepdäniň möhüm wakalary.
20.10 Watan waspy.
21.00 Watan.
21.30 Ýedi gün.
22.40 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Çeper film. «Gözel bardyr, gözellerden zyýada».
01.00 Berkararlyk mukamy.

### «WATAN» RADIOÝAÝLYMY

*DUŞENBE-13*
06.00 Watan mukamy.
06.10 «Berkarar ýurdumyzda» habarlar gepleşigi.
07.00 Türkmenistan — bagy-bossan.
